# Iki ýüzli şahyr

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Iki ýüzli şahyr

IKI ÝÜZLI ŞAHYR

Iki  ýüzli şahyr betbagt bende,
Niýet päli bilen gümradyr, ömür,
Ygtybary haram niýetlerinde,
Käte ak gundsuz ol, kä gara kömür.

Ol iliň öňünde söz aýdyp biler,
Öwüp, özge kişiň adyn, eserin.
Emme öz gepine özi tisginer,
Gaýdyp geler öz deňine, peselip.

„–Siz göreňizokmy, gidip barýaryn,
Neçin taşlaňyzok öňüne…“–
Diýer, ajysyny pürküp, her ýana.
„Arza ýazyň, ot ýakdyryň gözünde…“

„Sen ýap-ýaňy öwüp durduň“ diýseler,
„Men şeýtmeli, emma siz bolsa başga…“
Il ýüzüne gülüp, aglap gijeler,
Rowaç işler üçin ýanar ataşda.

Şeýle şahyrlaryň ýüzi gurasyn,
Olar iki ýüzli gama meňzeşdir.
Gazetlerde olaň gör-de suratyn,
Emme ýazanlaryn çekmeýär keşdiň.

Iki ýüzli „şahyr“ şahyram däldir,
Olaň gursagy boş, ýüregi bolmaz.
Öz pälini ýalňyz özi bilýändir,
Olaň başga käri-ýaragy bolmaz.

14.05.2008.

## ▶ EDEBIÝAT KITABYNY ÝAZANLARA

Eý, beýle kitaby iş edip ýazan,
Sen kime niýetläp ýazdyň eseriň.
Seniň pikriň sowuk, duýgulaň ýalan,
Dogrym aýtsam, sen-a pekge ekeniň.

Birinjiden, ondan, mundan göçürlen,
Nämä gerek boldy çorbaň çorbasy.
Näme galjak, ogurlanlaň öçürseň,
Bizmi indi emlen göwsi sormaly.

Ikinjiden, öz pikiriň, demiň ýok.
Kitaba salypsyň som-sowuk sözleň.
Sandal bar, gural bar, ot ýok, kömür ýok.
Hemem duýulmaýar usuldyr gözleg.

Üçünjiden, ýazypsyň öz deňiňde ,
Okuwçy, ýaş beýni, mekdep nirede.
Özüň üçin bolsa bor ol ýeňil-de,
Emma bize kitap däl-de, pyçak direme.

Bu bisowat kitabyň ýalňyşdan doly,
Nädip kitap ýazýaň, şoňa seretmän,
Kitapdan başlansa  harsallyk,
Bize senden başga ýagy gerek däl.

Nesip bolsa, okuwa bir gireýin,
Meniň elim, seniň ýakaňdyr, bilgin.
Ýüzüňdäki nikabyňy syraryn,
Eliňden aldyryn çlenlik bildiň.

Aprel, 1967.

## ■ BIR GAZETIÑ REDAKTORYNA

Hökman gülüp garşy alar ol seni,
Belki çaý hödürlär, goşgyňy okap,
„ Walla, göni kitap edibermeli,
Mundan edip bordy şeýle bir kitap“.

Senem ýylgyrarsyň, minnetdar bolup,
„Gideýin, wagtyňy alman“ diýersiň.
Ol seni goýbermez, saralyp, solup,
„Öňräjik gelmel-ä, arman“ diýersiň.

Ol örüsin aýlar  daşyňa seniň ,
Nireden sen, ýokarlarda kimleň bar.
Sen onuň öňünde açyp jigeriň,
Içiň dökýäň, bar derdiňden ýeňleýäň.

Soňam, goýup gaýdýaň goşgularyňy,
Teýin-tepbet bolar goşgyň, gazalyň.
Ol birwagt duýupdy hoş bolanyňy,
Seň öňüňde kiççjik abraý gazanyp.

 Indi şol işige barmarsyň gaýdyp.
Ýöne gorky bilen pikir edersiň.
Şoňa gunuň galsa, näderdik, aýdyň,
Oň Hudaý däldigne şükür edersiň.

Oktýabr, 1970.

■ REDAKTORA HAT

Nämüçin  goşgymy çap etmeýärsiň,
Sen ýa juda akmak, ýa juda kezzap.
Sen bahyllyk edýäň meniň zehinme,
Içigaralygyň bileňok gizläp.

Çap etmän geç, erte aýagma ýyklyp,
Ötünç sorap geljegiňi bilýärin,
Men mätäç däl seniň hemaýatyňa,
Seň bolşuňa tüýkürýärin, gülýärin.

Illeriň öz hapa syrtyn süpürýän,
Şo gazýetde  goşgym çyksa gynanjak.
Bir gün tepbet bolsaň özüň, gazýetiň,
Hajathana gidilende kyn boljak.

Maý, 1964.

Öwezdurdy NEPESOW.

Goşgular